# Men sentýabr, sen iýun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Men sentýabr, sen iýun MEN SENTÝABR, SEN IÝUN

Senýabr aýy.
Bu zatlañ başy…
Agaçlar ýapragyn döküp başlapdy,
Saralşypdy ýaşyl maýsalyklaram.
Reñki solgun halparyşan gülleriñ.
Asmany büräpdi gara bulutlar
Guşlar şaýlanypdy uzak ýollara.
Näme galan bolsa tomusdan
barsy
Pytrap barýar däli ýelleñ güýjüne,
Bahar gelmedik dek bolupdy hyrsy.
Nämedi şo? birwagtlar
Söýüpdik,
söýülipdik ýaşlyk ýelgini bilen
Adyn tapsana şol dälişgeligiñ!
Ugursyz takdyra sunmandym boýun
Gaýgy-gama gaýzygyşan ýüregmi
Akyp-akyp gutaryşan gözýaşa
ýuwsam-da,
Öñümde dyzymy boýlan
Tümlüklerde ýöräp, yzymda galan
Bir üýşmek küle hem elli ýaşyma
Garamasam-da.
Meni ýaman ýerde tutduñ sen iýun!
Gam-gussaly, weýran sentýabryma
Ýazyñ howasyny getirdiñ birdem
Mawy asmanyñ hem jana jan goşan
Günüñ nury bilen girdiñ içime.
Bägüller gül açdy ellän ýeriñde
Otlar ösdi seniñ ýörän ýeriñde
Gülleñ ýüzi güldi gülen ýeriñde.

Dik depämde pelpelleýär guşlaryň
Seň getiren miwelerňi göterip
bilmän şahalarym ýere degip dur.
Iňrik garalmanka saçyň nuruna
Bir bakaňda dünýämde Aý dogup dur.
Uzakly gün senden öwüsen şypa
Garaört bolan maňlaýymy sypaýa.
Ukusyz atyran gijelerimiň
Dolduraryn seniň bilen öwezin
Ýöne ýalkymyňdan başym aýlanýa,
Ah, başym aýlanýa,
Dek şu pursatda
Gujagyňda ölsemem bor biarman!
«Ýok, ölme!» diýseňem,
«Gitme!» diýseňem,
Gel, onda gujakla,
Boýnuma oran!
Tenime gir, gaýdyp taşlama meni.
Seretsene, barmagymyň ujundan
Ot çabraýar gözden,
Göreçlerimden.
Gel-de, tut elimden,
Bile ýanaly!
Garşysyna durup bialaçlygyň
Meniň bilen ukla,
Meniň bilen tur!
On üçünji aýa bile gideli!

Ümit Ýaşar OGUZJAN,
türk şahyry. Goşgular